# ÝAZ ÝAGŞY

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
ÝAZ ÝAGŞY ÝAZ ÝAGŞY

Ýagýar-ýagýar ýazyň ýagşy,
Bulut ötüp dur Asmany,
Ýagmyr berekediň başy,
Gandyrýar sähra meýdany.

Ýollar üsti şalpy-şaraň ,
Dolupdyr gyra salmasy,
Ýaz ýagyşy Erenleriň ,
Arşyň nuryn indermesi.

Dür ýaly tämiz damjalar,
Oýandyrýar mejnun kalby,
Jahyl özün serenjamlar,
Timarlanýar magşuk selbi.

Bu jemala şahyr näder,
Ýazaýmasa goşgy-gazal,
Şygyrynda dil aýnadar,
«Men gördüm dünýäni ozal.

Maňa buldun ýaýýar Asman,
Ýagýar, ýagýar meniň ýagşym ,
Ene topragym toýhanam,
Ýaz ýagşy mukamçy bagşym» Goşgular